**2023-nji ýylyň 6-njy fewralynda**
**Daşoguz agrosenagat orta hünär**
**okuw mekdebiniň direktory**
**tarapyndan tassyklanan**

# Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde ikitaraplaýyn okuwlary guramagyň tertibi hakynda DÜZGÜNNAMASY

## I. Umumy düzgünler

1.1. Bu Düzgünnama Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebinde (mundan beýläk - mekdep) orta hünär derejeli hünärmenleri taýýarlamagyň bilim maksatnamasyny amala aşyrmakda gurnalýan ikitaraplaýyn okuwlaryň tertibini kesgitleýär.

1.2. Düzgünnama sebitdäki zähmet bazarynyň işgärlere we hünärmenlere bolan isleginiň we teklibiniň deňagramlylygyny gazanmak, şeýle hem ähli guramaçylyk hukuk we eýeçilik görnüşleriniň ykdysady ýagdaýynyň häzirki we geljekki zerurlyklaryny, mekdep bilen ykdysady guramanyň jemgyýetçilik hyzmatdaşlygynyň özara täsir mehanizmlerini ösdürmek üçin işlenip düzüldi.

Bilim maksatnamasynyň bilelikde durmuşa geçirilmegi diýlende kärhana özüniň alyp barýan işiniň ugrundan, enjamlaryndan we tehnologiýalaryndan baş çykarýan hünärmenleriň taýýarlygy babatynda gyzyklanýandygyny aňladýar. Şonuň üçin kärhana mekdepde işlenip düzülýän okuw-usuly resminamalaryň taýýarlygyna işjeň gatnaşýar, amaly sapaklary we önümçilik tejribesini guramakda ýardam berýär.

1.3. Bu Düzgünnama Türkmenistanyň “Bilim hakynda” Kanunynyň (rejelenen görnüşi), Türkmenistanyň “Döwlet orta hünär bilimi edaralary hakyndaky” Düzgünnama we mekdebiň Tertipnamasyna laýyklykda işlenip düzüldi.

1.4. Ikitaraplaýyn okuwlar orta derejeli hünärmenleri taýýarlamagyň ulgamlaýyn görnüşi bolmak bilen, ol maksatnama laýyklykda okuw işini, okuw-önümçilik tejribeliklerini geçmek, okuw işiniň beýleki görnüşlerini amala aşyrmak üçin zerur serişdelere eýe bolan kärhana bilen mekdebiň özara täsirine esaslanýar.

1.5. Ikitaraplaýyn okuwlar orta hünär bilimi maksatnamasyny özleşdirýän okyjynyň gündizki okuwyny özleşdirýän döwründe gurnalýar.

1.6. Ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamasy kärhana bilen ylalaşmak arkaly mekdep tarapyndan işlenip düzülýär we ol aşakdakylary öz içine alýar:

- hünärmenleri taýýarlamagyň döwlet bilim standartyna, dersleriň iş maksatnamalaryna laýyklykda talyplarda kesgitlenen ygtyýarlyklarynyň emele gelmegini;
- hünärmenleri taýýarlamagyň döwlet bilim standartyna laýyklykda talyplarda amalyýet tejribeleriň ele alynmagyny;
- hünärmenleri taýýarlamagyň döwlet bilim standartynyň talaplaryny ýerine ýetirmek şerti bilen mekdepde we kärhanada okuw işini utgaşdyrmagy;

1.7. Ikitaraplaýyn okuwlaryň gurnalyşyna we geçirilişine Mekdep we Kärhana jogapkärçilik çekýändir.

1.8. Mekdep her ýyl bu Düzgünnamanyň durmuşa geçirilişini monitoring edýändir.

## 2. Ikitaraplaýyn okuwlaryň maksady we meseleleri

2.1. Ikitaraplaýyn okuwlaryň maksady hünärmenleri taýýarlamagyň Döwlet bilim standartlaryna, umumy hünär we ýörite dersler toplumynyň iş maksatnamasyna laýyklykda kesgitlenen ygtyýarlyklaryň talyplar tarapyndan ýokary hil derejesinde özleşdirmekden ybaratdyr.

2.2. Mekdebiň talyplarynyň ikitaraplaýyn okuwlaryny guramagyň we geçirmegiň esasy meseleleri:

- mekdebiň taýýarlaýan hünärmenleriniň sany bilen zähmet bazaryndaky islegiň arasyndaky deňsizligi azaltmak;
- mekdebiň hünär bilim ulgamyna öňdebaryjy bilim tehnologiýalaryny ornaşdyrmak;
- talyplar tarapyndan öz hünäriniň çäginde hünär işini toplumlaýyn özleşdirmek, umumy we hünär ygtyýarlyklaryny, hünärmenleri taýýarlamagyň döwlet bilim standartyna laýyklykda zerur bolan amaly endikleri kemala getirmek;
- mekdebiň uçurymlarynyň hünär bilim derejesini we hünär endiklerini ýokarlandyrmak;
- mekdebiň okuw-önümçilik işlerini kärhanadaky önümçilik şertlerine uýgunlaşdyrmak we utgaşdyrmak.

## 3. Ikitaraplaýyn okuwlaryň guralyşy we geçirilişi

3.1. Kärhanada ikitaraplaýyn okuwlaryň gurnalyşy we geçirilişi şu aşakdakylar esasynda kadalaşdyrylýar:

- bu Düzgünnama;
- ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamasy, okuw meýilnamasy, okuw işleriniň çyzgydy, buýruk;
- mekdep bilen kärhananyň arasynda baglaşylan şertnama.

3.2. Mekdep ikitaraplaýyn okuwlary guramakda we geçirmekde borçlanýar:

- ikitaraplaýyn okuwlar hakynda Düzgünnamany işläp düzmäge we tassyklamaga;
- kärhana bilen ikitaraplaýyn okuwlary guramak hakynda şertnamalary baglaşmaga (goşundy-1);
- kärhana bilen bilelikde ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamalaryny, okuw işini üpjün etmekde hünärler boýunça okuw meýilnamalary, okuw işleriniň çyzgydyny işläp düzmäge;
- kärhana bilen ikitaraplaýyn okuwlary guramagyň wagtyny we kärhana ýollanýan talyplaryň sanawyny ylalaşmaga;
- ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmäge;

- talyplaryň orta hünär biliminiň döwlet bilim standartyna, okuw meýilnamasyna laýyklykda doly bilim almagyny üpjün etmäge;

- kärhananyň Tertipnamasyny, içki zähmet düzgünlerini, zähmeti goramagyň talaplaryny, durmuş howpsuzlygyny we ýangyn howpsuzlygyny hem-de kärhanada hereket edýän içki hukuk namalary, kärhananyň emlägini ulanmak üçin talaplaryň talyplar tarapyndan berjaý edilmegine;

- mugallym tarapyndan orta hünär biliminiň döwlet bilim standartynyň, ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamasynyň, dersleriň iş maksatnamalarynyň, wezipe borçlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge;

- ikitaraplaýyn okuw maksatnamasynyň çäklerinde kärhana bilen bilelikde orta hünär biliminiň döwlet bilim standartyna we dersleriň iş maksatnamalaryna laýyklykda talyplar tarapyndan ele alan hünäri boýunça umumy we hünär başarnyklaryny bahalandyrmaga;

- geçen okuw ýyly boýunça gurnalan ikitaraplaýyn okuwlaryň netijeleri hakynda degişli ýylyň 1-nji noýabryndan gijä galman esaslandyryjy edaranyň (Türkmen oba hojalyk institutynyň) dykgatyna ýetirmek üçin düzülen ýyllyk hasabaty kärhana bilen ylalaşmaga.

3.3. Kärhana borçlanýar:

- mekdep bilen bilelikde ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamalaryny, okuw işini üpjün etmekde hünärler boýunça okuw meýilnamalary, okuw işleriniň çyzgydyny işläp düzmäge;

- mekdep bilen ikitaraplaýyn okuwlary guramagyň wagtyny we kärhana ýollanýan talyplaryň sanawyny ylalaşmaga;

- mekdep bilen ylalaşylan talyplaryň sanyny kesgitlenen möhlete laýyklykda öwretmek üçin okuwa kabul etmäge;

- ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmäge;

- talyplaryň orta hünär biliminiň döwlet bilim standartyna, okuw meýilnamasyna laýyklykda doly bilim almagyny üpjün etmäge;

- kärhananyň Tertipnamasyna, içki zähmet düzgünlerine, zähmeti goramagyň talaplaryna, ömrüň howpsuzlygyna we ýangyn howpsuzlygyna hem-de kärhanada hereket edýän beýleki ýerli hukuk namalara laýyklykda talyplaryň ikitaraplaýyn okuwlaryny geçmegi üçin howpsuz şertleri döretmäge;

- ikitaraplaýyn okuw maksatnamasynyň her bir ugry boýunça amaly bilimleri we iş endiklerini öwretmek üçin öňdebaryjy hünärmenleri (işçileri) talyplar toparyna halypa edip bellemäge;

- talyplara kanuny taýdan goralýan syry emele getirýän maglumatlardan başga amaly materiallara elýeterliligi üpjün etmäge;

- halypa tarapyndan ikitaraplaýyn okuw maksatnamasynyň, wezipe borçlarynyň ýerine ýetirilmegini, şol sanda talyplaryň önümçilik işine gatnaşmagyny, talyplar bilen düşündiriş işlerini geçirmegini üpjün etmäge;

- ikitaraplaýyn okuw maksatnamasynyň çäklerinde mekdep bilen bilelikde orta hünär biliminiň döwlet bilim standartyna we dersleriň iş maksatnamalaryna laýyklykda talyplar tarapyndan ele alan hünäri boýunça umumy we hünär başarnyklaryny bahalandyrmaga;

- talyplara hünär derejesini bermek boýunça toparyň işine gatnaşmaga;
- mekdep bilen degişli ýylyň 1-nji noýabryndan gijä galman geçen okuw ýyly boýunça ikitaraplaýyn okuwyň ýyllyk hasabatyny ylalaşmaga.

## 4. Jemleýji düzgün

Bu Düzgünnama mekdebiň direktory tarapyndan tassyklanan pursadyndan güýje girýär we ýatyrylýança güýjini ýitirmeýär.

Goşundy-1

# IKITARAPLAÝYN OKUWLARY GEÇIRMEK HAKYNDA
# Ş E R T N A M A

ş.Daşoguz "      "      2022ý.

Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebiniň adyndan, mekdebiň direktory Nurgeldiýew Şageldi Arazgeldiýewiç bir tarapdan (mundan beýläk mekdep), hem-de ______________________________ edarasynyň adyndan, edaranyň başlygy ______________________________ beýleki tarapdan (mundan beýläk – "Kärhana") aşakdakylar barada ylalaşyp, şu şertnamany baglaşdylar:

## 1. YLALAŞYGYŇ PREDMETI

1.1. Taraplar, mekdebiň 2-nji ýyl talyplaryny bilelikdäki ikitaraplaýyn okuwlary guramagy we durmuşa geçirmegi öz üstüne alýarlar.

1.2. Ikitaraplaýyn okuwlaryň maksady talyplaryň döwlet bilim standartyna laýyklykda hünär biliminiň mazmunyny özleşdirmegiň hilini ýokarlandyrmakdan, şeýle hem olaryň mekdepde we kärhanada hünär ulgamyna degişli amalyýet başarnyklaryny kemala getirmekden ybaratdyr.

## II. TARAPLAR BORÇLANÝAR

2.1. Mekdep borçlanýar:

2.1.1. Kärhana bilen bilelikde ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamalaryny, okuw işini üpjün etmekde hünärler boýunça okuw meýilnamalary, okuw işleriniň çyzgydyny işläp düzmäge;

2.1.2. Kärhana bilen ikitaraplaýyn okuwlary guramagyň wagtyny we kärhana ýollanýan talyplaryň sanawyny ylalaşmaga;

2.1.3. Ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmäge;

2.1.4. Talyplaryň orta hünär biliminiň döwlet bilim standartyna, okuw meýilnamasyna laýyklykda doly bilim almagyny üpjün etmäge;

2.1.5. Kärhananyň Tertipnamasyny, içki zähmet düzgünlerini, zähmeti goramagyň talaplaryny, ömrüň howpsuzlygyny we ýangyn howpsuzlygyny hem-de kärhanada hereket edýän beýleki ýerli hukuk namalary, kärhananyň emlägini ulanmak üçin talaplaryň talyplar tarapyndan berjaý edilmegine;

2.1.6. Topar ýolbaşçysy (mugallym) tarapyndan orta hünär biliminiň döwlet bilim standartynyň, ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamasynyň, dersleriň iş maksatnamalarynyň, wezipe borçlarynyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmäge;

2.1.7. Ikitaraplaýyn okuw maksatnamasynyň çäklerinde kärhana bilen bilelikde orta hünär biliminiň döwlet bilim standartyna we dersleriň iş

maksatnamalaryna laýyklykda talyplar tarapyndan ele alan hünäri boýunça umumy we hünär başarnyklaryny bahalandyrmaga;

2.1.8. Geçen okuw ýyly boýunça gurnalan ikitaraplaýyn okuwlaryň netijeleri hakynda degişli ýylyň 1-nji noýabryndan gijä galman esaslandyryjy edaranyň (Türkmen oba hojalyk institutynyň) dykgatyna ýetirmek üçin düzülen ýyllyk hasabaty kärhana bilen ylalaşmaga.

2.2. Kärhana borçlanýar:

2.2.1. Mekdep bilen bilelikde ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamalaryny, okuw işini üpjün etmekde hünärler boýunça okuw meýilnamalary, okuw işleriniň çyzgydyny işläp düzmäge;

2.2.2. Mekdep bilen ikitaraplaýyn okuwlary guramagyň wagtyny we kärhana ýollanýan talyplaryň sanawyny ylalaşmaga;

2.2.3. Mekdep bilen ylalaşylan talyplaryň sanyny kesgitlenen möhlete laýyklykda öwretmek üçin okuwa kabul etmäge;

2.2.4. Ikitaraplaýyn okuwlaryň maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegini üpjün etmäge;

2.2.5. Talyplaryň orta hünär biliminiň döwlet bilim standartyna, okuw meýilnamasyna laýyklykda doly bilim almagyny üpjün etmäge;

2.2.6. Kärhananyň Tertipnamasyna, içki zähmet düzgünlerine, zähmeti goramagyň talaplaryna, ömrüň howpsuzlygyna we ýangyn howpsuzlygyna hem-de kärhanada hereket edýän beýleki ýerli hukuk namalara laýyklykda talyplaryň ikitaraplaýyn okuwlaryny geçmegi üçin howpsuz şertleri döretmäge;

2.2.7. Ikitaraplaýyn okuw maksatnamasynyň her bir ugry boýunça amaly bilimleri we iş endiklerini öwretmek üçin öňdebaryjy hünärmenleri (işçileri) talyplar toparyna halypa edip bellemäge.

2.2.8. Talyplara kanuny taýdan goralýan syry emele getirýän maglumatlardan başga amaly materiallara elýeterliligi üpjün etmäge;

2.2.9. Halypa tarapyndan ikitaraplaýyn okuw maksatnamasynyň, wezipe borçlarynyň ýerine ýetirilmegini, şol sanda talyplaryň önümçilik işine gatnaşmagyny, talyplar bilen düşündiriş işlerini geçirmegini üpjün etmäge;

2.2.10. Ikitaraplaýyn okuw maksatnamasynyň çäklerinde mekdep bilen bilelikde orta hünär biliminiň döwlet bilim standartyna we dersleriň iş maksatnamalaryna laýyklykda talyplar tarapyndan ele alan hünäri boýunça umumy we hünär başarnyklaryny bahalandyrmaga;

2.2.11. Talyplara hünär derejesini bermek boýunça toparyň işine gatnaşmaga;

2.2.12. Mekdep bilen degişli ýylyň 1-nji noýabryndan gijä galman geçen okuw ýyly boýunça ikitaraplaýyn okuwyň ýyllyk hasabatyny ylalaşmaga.

## 3. ŞERTNAMANY HEREKET EDÝÄN MÖHLETI

3.1. Şertnama Taraplaryň teklipleri we razylygy boýunça mazmunyna täzeden seredilip bilner; iki tarapyň razylygy alnan mahalynda, şertnama girizilýän üýtgetmeler we goşmaçalar gol çekilen gününden hukuk taýdan güýje eýe bolýar we şertnamanyň aýrylmaz bölegi hasaplanýar;

3.2. Şertnama 2023-nji ýylyň 1-nji awgustyna çenli möhlet bilen baglanyşylyp, gol çekilen gününden güýje girýär;

3.3. Şertnamanyň hereketi şu aşakdaky ýagdaýlarda bes edilip bilner:

- şertnamanyň hereket ediş möhleti tamamlanan ýagdaýynda;
- taraplaryň özara ylalaşygy bilen.

## 4. TALAPLARYŇ JOGAPKÄRÇILIGI

4.1. Taraplar şu şertnamada kesgitlenen borçnamalaryny ýerine ýetirmedigi üçin Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda jogapkärçilik çekýärler.

4.2. Taraplar ýeňip bolmajak ýagdaýlaryň netijesinde şu şertnamada kesgitlenen borçnamalary ýerine ýetirip bilmese onda jogapkärçilikden boşadylýar.

## 5. BEÝLEKI ŞERTLER

5.1. Bu şertnamada düzgünleşdirilmedik meseleler Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda çözülýär.

5.2. Bu şertnamanyň şertlerini ýerine ýetirmek işinde ýüze çykýan jedeller we düşünişmezlikler Taraplaryň ylalaşygy bilen çözülýär.

5.3. Şertnama iki nusgada taýýarlanyň, olaryň hukuk güýji deňdir.

## 6. TARAPLARYŇ SALGYLARY

| | |
|---|---|
| Türkmen oba hojalyk institutynyň Daşoguz agrosenagat orta hünär okuw mekdebi Daşoguz ş., Ýolçy köçesi, 370-nji jaýy | ____________________ ____________________ ____________________ |
| Direktoryň w.ý.ý. ________ Ş.Nurgeldiýew | Direktor____________ ______________ |